# Il bilen gelmese… / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Il bilen gelmese… / hekaýa IL BILEN GELMESE…




Açyk pyşgyrylmasa-da, Atahan, has beterem Miwe gelin rysgallarynyň aýrylyp, özbaşdak ojak edilmeklerini gaty bir oňlamady. Olar toýdan bäri geçen bäş ýyly öýde baryň-ýoguň pikirini, nahar-şoruň aladasyny etmän ýaşadylar. Jülgedäki başlangyç mekdepde mugallymçylyk edýän Atahan aýlygynyň özüne maýda-çüýdä zeruryndan galýan esasy bölegini ejesine berýärdi. Geňeşligiň hasaphanasynda işleýän Miwe-de şeýledi. Gelin işden öýe dolanansoňam gol gowşuryp oturman, gaýynenesine goltgy berýärdi. Ýöne öýüň esasy meselesini çözmekden azatdy. Indi bolsa dünýäniň ähli aladasy Miwäniň egnine düşen ýaly boldy. Akyp ýatan iş ýogam bolsa, ukusyny-da doly alyp bilmedi.
Tertip-düzgüni gowy görýän, hojalykda hemme zadyň ýerbe-ýer

bolmagyny isleýän Esen aga ogly bilen gelnini ýük görüp dälde, özbaşdak ýaşaýşa gaýym bolmaklary üçin şol netijä geldi. Olara öz gapdalyndan alan melleginden üç otagly jaý gurup berdi.
Atahan bilen Miwe gelniň gitdikçe kynlaşar öýdüp çak eden durmuşy başga akym bilen gidip ugrady: kynçylyk, jogapkärçilik ýaşaýşa höwes, gyzyklanma oýardy. Ol hem obada boljak toýdan başlandy. Hemişe toý sadakasynyň çakylygynda diňe Esen aga ýatlanýardy-da, ogullarynyň ady tutulmaýardy. Çünki toý sadakasyna öýüň ýaşulusy çagyrylýardy. Atahan indi bir öýüň ýaşulusydygyny şol çakylykdan soň bilip galdy. Ony sadaka çagyryp giden oglanyň yzyndan hatarlara aýlanyp ýören aýal: «Ertir toýa baryň. Gatnaşsaňyz gaty begeneris…» diýip, Miwe gelni-de aýratyn çagyryp gitdi.
Toý sadakasyna giden Atahanyň agşamlyk eli ullakan ýaglykly dolanmagy olary hut şu gün dag obasynyň doly hukukly ýaşaýjysyna öwrülen ýaly etdi.
Esen aganyň ogluna gurup beren jaýy darajyk dag ýolunyň golaýyndady. Dag ýoly yzy üzülmez gatnawly bolmasa-da, Şükür aga ony uly ýola meňzedýärdi. Ol çekene sürüsini ertir irden jülgeden dag etegindäki sähra çykarýardy, gaty garaňky düşmänkä-de yza dolaýardy. Şükür aganyň sürüsi süri diýer ýaly sany müňüň töweregini sermäp ýören dowarly hem däldi. Iki ýüze ýeter-ýetmezdi. Bolsa-da ozal ömrüni çopançylykda geçiren ýaşuly, köne endigini dowam edip, ony deňli-derejeli sürä meňzetdi. Onuň kellesi gazan ýaly iki alabaýy bardy. Şükür aga: «Çopan itsiz bolmaz, awçy tüpeňsiz» diýip, özi özünden täze nakyl hem döretdi.
Adamlar çaklaňja dag obasyny deňli-derejeli uly oba ýaly edip görkezýän çekene sürüsine guwanýardylar. Miwe gelin bilen Atahan bolsa her gün çekenäni synlap öwrenişensoňlar, ony görmedik günleriniň bir ýetmezi bar ýaly duýýardylar.
Şükür aga çopan hökmünde ýene bir keminiň bardygyna göz ýetirip, ahyr ol ýetmeziniň hem üstüni doldurdy. Çekene obanyň deňinden geçende, tüýdügiň owazy ýaňlanyp başlady. Dogry-da, tüýdüksiz çopan bolmaz ahyry! Şükür aga ýetmiş ýaşan ýaşula meňzemeýärdi. Ol gamyşdan ýasan bäş-alty tüýdügini guşagyna gysdyryp, hemmesiniň sesi meňzeş bolsa-da, gezekleşdirip çalýardy. Oba adamlary Şükür aganyň tüýdüginiň sesi bilenem öwrenişip gitdiler. Çopan tüýdügi ýaňlansa, oba ukudan oýanyp, janlanan ýaly bolýardy.

Bir gün Atahan esli wagt bäri aýdyp bilmeýän islegini Miwe gelniň öz agzyndan eşitdi. Eşidibem iki adamyň isleginiň gabat gelşine haýran galdy. «Deň etmän, duş etmez!». Deň gelen pikiriň manysy amala aşdy. Şükür çopanyň dowarlary bir san köpeldi. Şeýlelikde, il sürüsine bir goýun goşan Atahandyr Miwe gelin tutuş çekenäni özüniňki hasaplady.
Edil şertleşen ýaly, adamlar ertir çaýyny içýän mahaly Şükür aganyň çekenesi obanyň içinden geçýärdi. Mallaryň sesi Şükür aganyň gamyş tüýdüginiň owazy bilen garylýardy. Öýde çaý içip oturan Atahandyr Miwe gelin şonça dowaryň arasyndan bir sesi saýgarýan hasap edýärdi, ol ses beýleki goýunlaryňkydan saýlanýardy. Şeýle-de bolmalydy.
Her gün irden çekene geçýärdi, her günem Atahan bilen Miwe gelin il sürüsine mal goşanlaryny, ile goşulanlaryny ýatlap öz ýagdaýlaryna guwanýardy. Şeýdip durmuş has jogapkärli bolup başlady.
Sürä goşulan ýeke goýnuň müçesi-de uly däldi. Emma onuň aýratyn öý bolan, il sürüsine mal goşan ýaşlara ýetiren täsiri welin gaty uludy. Atahan erkek kişidigi sebäpli, içki joşgunyny daş çykarman saklaýardy. Ýöne Miwe gelin welin… Ol Atahana-da kän duýdurman, irden çekene geçende, aýnadan daşaryk hökman seredýärdi. Onuň gulagyna gamyş tüýdügiň owazynyň ýany bilen öz goýnunyň mäleýän sesi gelýärdi. Ol tüýdügiň sesinden hem enaýy. Ol sesiň yrym üçin Atahan bilen Miwe gelniň ilkinji gezek uly bazara bile gidip alyp gelen goýnunyň sesi däldigi belli. Emma Miwe gelin üçin şol goýnuň sesi bolup eşidilýärdi. Ol gymmatly ses oňa il sürüsinde malynyň bardygyny aňladýardy.
Ýöne olaryň gyzykly durmuşy uzaga çekmedi. Ýok, edil beýle-de däl. Durmuşyň gyzygy gaçdy diýer ýaly ullakan bir opurylyşyk bolmady. Ýöne Miwe gelin bilen Atahan bolan ýagdaýy aýylganç bir hadysa diýip kabul etdi.
Erbet ýagdaý boldy diýlip hasap edilen şol güýz gününiň ir ertiri obanyň depesini çal bulut örtdi, dagyň üsti bolsa gara bulutdan ýaňa Gün ýaşan ýaly içgysgynç garaňkylyga öwrüldi. Ýaňlanmaly wagty gelse-de, Şükür çopanyň tüýdüginiň owazy-da, goýunlaryň, iň esasy-da Miwe gelniň garaşan goýnunyň sesi eşidilmedi. Gelniň duýgur kalbyna biynjalyklyk aralaşdy.
Uly guşlukda çekenä mal goşan adamlaryň hemmesiniň jülgäniň «Ak gaýa» diýen ýerine ýygnanmalydygynyň habary oba ýaýrady. Habar ýetirilen adamlar aýdylan tarapa ugradylar. Olaryň

arasynda Atahan hem bardy.
Gün dogmazynyň öň ýany, obadan seredeniňde dag üstüni gijelige öwrüp görkezen gara bulut ýokdy. Ýöne ol bu ýerden göçüm etmänkä, aýylganç ýagşa öwrülip etjegini edip gidipdir. «Ak gaýanyň» töweregindäki at gaýtarym tekizligi agyr uruş geçen meýdana öwrüpdir: bilinden, düýbünden omrulan köp ýaşan agaçlar, häzirki ýatan ýerine ýokardan togalanyp gelendigi bildirýän ululy-kiçili harsaň daşlar obanyň ozalky gözelliginden nam-nyşan goýmandy. Iň ýamany-da, şol weýrançylygyň arasynda goýun bary serrelip ýatyrdy. Şükür aga malsyz çopana öwrülipdi. Tutuş sürüden diri galany bir it, bir goýun hem çopanyň özüdi.
Ýygnanan adamlaryň biri-de dil ýarmansoň, Şükür aganyň özi geplemeli boldy:
– Obadaşlar, ýagdaý-a, ynha, öz görşüňiz ýaly. Bolan waka Taňrynyň işidir welin, mende-de günä bar bolmagy ahmal. Öňki wagtdan ýarym sagat irräk süräýen bolsam… Men muň aşagyndan ölinçämem çykyp bilmen…
Obanyň iň keserli ýaşulusy hasaplanýan Ýowşan aga çopany geplemäge goýmady:
– Saňa aşagyndan çyk diýmäge dilimiz aýlanmaz, Şükür. «Il bilen gelen toý-da baýram» diýipdirler. Özüňdenem dowar barmydy?
– Seňki ýaly, alty sanydy.
– Dörän ýagdaý hemmämiziň baş sadakamyz bolsun. Özüň aman galypsyň, şoňa şükür. Mal tapylar…
– Adamlaryň hemmesi soňky aýdylany tassyklap baş atansoň, Ýowşan aga: – Ölmän galan ýeke dowar kimiňki bolmaly? – diýip sowal berdi.
– Esen agaň uly ogly Atahan mollumyňky.
Ullakan daşyň ýanynda duran Atahan öz goýnunyň ölmän galanyny eşidip, tisginip gitdi. Şol pursat hem Ýowşan aga ýene:
– «Il bilen gelen toýda-baýram» diýipdirler, adamlar! – diýdi.
Ýowşan aganyň sözlerini pyşyrdap gaýtalan Atahan adamlaryň gözüne görünmejek bolýan ýaly, usullyk bilen uly daşyň aňyrsyna aýlandy. Ýöne ol ýagyşdan gaçyp, damja uçrady. Edil daşyň gapdalynda, adam sümäýer ýaly (belki-de, haýwany penasynda saklan), aňyrsy garalyp görünýän deşigiň agzynda özüne seredip duran, tutuş çekeneden saýlanyp galan ýeke goýundy. Diýmek ol Atahanyňkydy.
Goýna gözi düşenden doňňaradaşa öwrülen Atahan çalaja başyny

ýaýkady. Ol egnine agyr ýük atylan dek ýegşerilip durşuna: «Sürä goşan müň goýnum iliňki bilen bile heläk bolaýanda-da, beýle kyn ýagdaýa düşmezdim, «Il bilen gelen…» diýerdim» diýip, çalaja pyşyrdady…

Atajan TAGAN,

ýazyjy.

*“Edebiýat we sungat” gazeti, 25.11.2022 ý.* Hekaýalar